# Muharrem aýynyň we Aşura gününiň fazileti.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Musulmanlaryň Hijri ýyl hasaby boýunça birinji aý bolan, Muharrem aýynyň fazileti (üstünligi) we bu aýda oraza tutmagyň sogaby barada, Ebu Hureýreden (radiallahu anh) rowaýat edilen hadysda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle aýtdy:

عن أبي هريرة رضي الله عنه قال: قال رسول الله صلى الله عليه وسلم : أفضل الصّيام بعد رمضان شهرُ الله المحرم

“**Ramazan aýyndan soňra tutulan iň fazíletli (sogaply) oraza, Allahyň aýy bolan Muharrem aýynda tutulan orazadyr.**” [1]

Şonuň üçin musulmanlar bu aýda has köpräk agyz beklemäge çalyşmaly. Hususanam Muharrem aýynyň 10-njy güni bolan aşura güni oraza tutmak örän sogaplydyr.

Ýagny aşura (عاشوراء) güni diýmek: Hijri ýylynyň ilkinji aýy bolan Muharrem aýynyň 10-nji güni diýmekdir.

Ibn Abbasdan (radiallahu anhuma) habar berilmegine görä:

عن ابن عباس رضي الله عنهما قال: قدم النبي صلى الله عليه وسلم المدينة فرأى اليهود تصوم يوم عاشوراء فقال:
ما هذا؟ قالوا: هذا يوم صالح، هذا يوم نجّى الله بني إسرائيل من عدوهم فصامه موسى، قال: فأنا أحقُّ بموسى منكم، فصامه وأمر بصيامه

“**Haçanda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Medinä gelende, ýehudylaryň aşura güni oraza tutýandyklaryny gördi we onuň sebäbini sorady. Olar (Ýehudylar): Bu gün salyh (gowy) gündir. Allah Tagala bu günde Ýehudylary duşmanlaryndan halas etdi we (şonuň üçin) Musa (aleýhis salam) (bu gün) agyz bekledi diýdiler. Şonda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) (Ýehudylara): Biz Musa Pygambere (aleýhis salam) sizden has laýykdyrys diýdi we ol gün oraza tutdy we agyz beklemegi buýurdy** ” [2]

في رواية مسلم: هذا يوم عظيم أنجى الله فيه موسى وقومه وغرّق فرعون وقومه

Başga rowaýatda şeýle habar berilýär: **“Bu beýik gündir. Allah Tagala bu günde Musa (aleýhis salam) we kowumyny halas etdi we Firuny we kowumyny gark etdi”** diýdiler.[3]

وقال النبي صلى الله عليه وسلم: صيام يوم عاشوراء، إني أحتسب على الله أن يكفر السنة التي قبله

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Aşura gününiň fazileti (sogaby) barada şeýle diýýär: **“Aşura güni tutulan orazanyň, özünden öňki bir ýylyň günälerine kefarat bolmagyny Allah Tagaladan umyt edýärin”**diýýär.[4]

Kefarat: Bir günäniň bagyşlanmagy üçin onuň ýerine edilen amaldyr.

روى عبد الله بن عباس رضي الله عنهما قال: حين صام رسول الله صلى الله عليه وسلم يوم عاشوراء وأمر بصيامه قالوا: يا رسول الله، إنه يوم تعظمه اليهود والنصارى، فقال رسول الله صلى الله عليه وسلم: فإذا كان العام المقبل إن شاء الله صمنا اليوم التاسع، قال: فلم يأتِ العام المقبل حتى توفي رسول الله صلى الله عليه وسلم.

Abdullah bin Abbasdan (radiallahu anhuma) rowaýat edilýär: Haçanda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Aşura güni oraza tutmagy buýrup, özi hem oraza tutanda. Sahabalar Oňa: **Ýa Resulullah: Bu gün Ýehudy we Hristianlaryň tagzym edýän günüdir** diýdiler. Şonda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **Geljek ýyl inşaAllah dokuzynada oraza tutarys** diýip, jogap berdi. **Geljek ýyl bolsa, (Muharrem aýy) gelmeden Pygamberimiz(sallallahu aleýhi we sellem) wepat etdi.** [5]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Muharrem aýynyň 10-njy ýagny Aşura gününiň öň ýany 9-njy gün hem agyz beklemegi niýet edýär. Emma wepat edenligi üçin tutyp bilmeýär.

Şonuň üçin alymlarymyzyň belleýişi ýaly Aşura gününiň bir gün öň ýany 9 we 10 ýa-da ertesi güni ýagny 10-11 günlerini jübüt edip oraza tutmak has sogaplydyr.

Aşuranyň bir gün öňünden ýa-da bir gün soňundan goşup iki gün edip oraza tutmagyň sebäbi bolsa, Ymam Newewi, Şeýhul Islam Ibn Teýmiýýe, Şeýhul Islam Ibn Hajeriň habar berişleri ýaly: Ýehudy we Hristianlara muhalefet etmek ýagny olaryň edeniniň tersini etmek we olara meňzemezlik üçindir. Çünki olar diňe bir gün agyz beklärlerdi.

Eger biri Aşura gününiň öňünden ýa-da soňundan bir gün goşman diňe Aşura güni oraza tutmak bolýarmy diýip sorasa?

Jogap hökmünde: Hawa diňe bir gün ýagny Aşura güni oraza tutmak bolýar. Emma Aşura gününe öňünden ýa-da soňundan bir gün goşup ýagny jübüt edip, agyz beklemek has sogaply bolar. Bu Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetidir. Çünki Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **Geljek ýyl inşaAllah dokuzynada oraza tutarys** diýýär. Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) bu sözi barada Ibn Abbas (radiallahu anh): **Ýagny (Aşurany) dokuzy güni bilen birlikde tutarys diýmekdir** diýýär. [6]

Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetini öwrenip, amal edip, sünneti direltmekde we başgalaryna öwretmekde gaýrat edeliň.

1-Muslim. 1982 رواه مسلم.

2-Buhari. 1865 رواه البخاري.

3-Muslim. رواه مسلم

4-Muslim. 1976 رواه مسلم.

5-Muslim. 1916 رواه مسلم.

6-Fetawa el-Lejnetud-Daimetu lil-Buhusi'l-İlmiýýeti we'l-İfta, Fetwa no: 13700.